Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2012-nji ýylyň 6-njy martynda 633 san bilen bellige alyndy

Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2012-nji ýylyň 8-nji fewralyndaky № 12-Ö buýrugy bilen tassyklandy

# Täjirçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standarty 21

# „DÜŞEWÜNT“

**Mazmuny** **Bölümleriň №**

Umumy düzgünler ........................................................................ 1-3
Kesgitlemeler .............................................................................4
Düşewündi ykrar etmek...............................................................5-33
Maglumaty açmak .......................................................................34
Güýje girýän senesi .....................................................................35

## UMUMY DÜZGÜNLER

1. Şu standartyň maksady amallaryň we wakalaryň belli bir görnüşlerinden ýüze çykýan düşewündi hasaba almagyň tertibini kesgitlemekden ybaratdyr. Düşewünt hasaba alnanda esasy mesele onuň ykrar edilmeli pursatyny kesgitlemek bolup durýar. Düşewünt kärhananyň geljeki ykdysady bähbitleri aljakdygynyň we bu peýdalara ygtybarly baha berip boljakdygynyň ähtimallygy bar bolanda ykrar edilýär. Şu standart bu ölçegleriň ýerine ýetirilýän, diýmek, düşewündiň ykrar edilýän şertlerini kesgitleýär.

2. Şu standart şu amallaryň we wakalaryň netijesinde alynýan düşewünt hasaba alnanda ulanylýar:

a) önümler ýerlenende (subýektiň özi tarapyndan ýerlemek maksady bilen öndürilen, şeýle hem gaýtadan satmak üçin satyn alnan önümler);

b) hyzmatlar edilende;

ç) kärhananyň göterimler, roýalti we diwidendler getirýän aktiwleriniň beýleki taraplar tarapyndan peýdalanylanda.

3. Şu standart:

gurluşyk üçin şertnamalar bilen gönüden-göni baglanyşykly hyzmatlary etmek üçin şertnamalardan ("Gurluşyk üçin şertnamalar" MHMS-na seret);

kärende şertnamalaryndan ("Kärende" MHMS-na seret);

paýly gatnaşmak usuly boýunça hasaba alynýan maýa goýumlaryndan alynýan diwidendlerden;

maliýe aktiwleriniň we maliýe borçnamalarynyň adalatly gymmatynyň üýtgemeginden ýa-da olaryň çykyp gitmeginden;

beýleki gysga möhletli aktiwleriň gymmatynyň üýtgemeginden;

oba hojalyk işi bilen baglanyşykly, biologik aktiwleriň adalatly gymmatynyň ilkibaşda ykrar edilmeginden we onuň üýtgemeginden ("Oba hojalyk" MHMS-na seret);

mineral magdanlary çykarmakdan ýüze çykýan düşewünt babatynda ulanylmaýar.

## KESGITLEMELER

4. Şu standartda şu adalgalar görkezilen manylarynda peýdalanylýar:

**Düşewünt –**maýa gatnaşyjylaryň gatançlary bilen bagly bolmadyk maýanyň artmagyna getirýän, kärhananyň adaty işiniň barşynda belli bir döwürde jemi gelip gowşan ykdysady bähbitler.

**Adalatly gymmat** – gowy habarly, şunuň ýaly amaly geçirmek isleýän garaşsyz taraplaryň arasynda geleşikler geçirilende aktiwi çalşyp bolýan ýa-da borçnama boýunça hasaplaşyklary geçirip bolýan pul möçberi.

## DÜŞEWÜNDI YKRAR ETMEK

5. Kärhana düşewünde alnan ýa-da alynmaga degişli öwezlik töleginiň adalatly gymmaty boýunça baha bermelidir. Alnan ýa-da alynmaga degişli öwezlik töleginiň adalatly gymmaty kärhana tarapyndan berilýän islendik söwda we lomaý ýeňillikleriniň pul möçberini aýyrmak bilen hasaplanmalydyr.

6. Kärhana düşewünde diňe kärnananyň öz adyndan alnan ýa-da alynmaga degişli ykdysady bähbitleriň jemi gelip gowuşmalaryny goşýar. Goşmaça tölegler, goşulan baha üçin salgyt ýaly üçünji taraplaryň peýdasyna alnan pul möçberleriniň ählisi düşewüntden aýrylýar. Edil şonuň ýaly, agentlik gatnaşyklarynda jemi ykdysady bähbitleriň gelip gowuşmagy prinsipalyň adyndan ýygnalýan pul möçberlerini öz içine alýar, olar kärhananyň maýasynyň artmagyna getirmeýär. Prinsipalyň adyndan ýygnalan pul möçberleri düşewünt bolup durmaýar. Şunda hyzmat üçin hak-heşdegiň pul möçberleri düşewünt bolup durýar.

7. Amaldan ýüz çykýan düşewündiň möçberi, adatça, kärhana bilen satyn alyjynyň ýa-da aktiwi peýdalanyjynyň arasyndaky şertnamada kesgitlenilýär. Oňa, kärhana tarapyndan berilýän islendik söwda we lomaý söwda ýeňillikleriniň pul möçberini aýyrmak bilen, alnan ýa-da alynmaga degişli öwezlik töleginiň adalatly gymmaty boýunça baha berilýär.

8. Eger harytlar ýa-da hyzmatlar häsiýeti we gymmaty boýunça meňzeş bolan harytlara ýa-da hyzmatlara çalşylýan bolsa, onda çalşyga düşewünt döredýän amal hökmünde seredilmeýär.

9. Tapawutlanýan harytlara ýa-da hyzmatlara çalyşmak bilen harytlar ýerlenende ýa-da hyzmat edilende çalşyga düşewünt döredýän amal hökmünde seredilýär. Düşewünde alnan harytlaryň ýa-da hyzmatlaryň geçirilen pul serişdeleriniň ýa-da olaryň ekwiwalentleriniň möçberine görä düzedilen adalatly gymmaty boýunça baha berilýär. Eger alnan harytlaryň ýa-da hyzmatlaryň adalatly gymmatyna ygtybarly baha berip bolmaýan bolsa, onda düşewünde berlen

harytlaryň ýa-da hyzmatlaryň geçirilen pul serişdeleriniň ýa-da olaryň ekwiwalentleriniň möçberine görä düzedilen adalatly gymmaty boýunça baha berilýär.

10. **Harytlary ýerlemekden alnan düşewünt** aşakda sanalyp geçilen ähli şertleriň kanagatlandyrylýan ýagdaýynda ykrar edilýär:

a) kärhana satyn alyja harytlara bolan eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly ep-esli töwekgelçilikleri we hak-heşdekleri berýär;

b) kärhana adatça, eýeçilik hukugy bilen baglanyşdyrylýan derejede satylan harytlary dolandyrmaga gatnaşmaýar we olara gözegçilik etmeýär;

ç) düşewündiň pul möçberine ygtybarly baha berlip bilinmelidir;

d) amal bilen baglanyşykly ykdysady bähbitleriň kärhana gelip gowuşmak ähtimallygy bolmalydyr;

e) amal bilen baglanyşykly çekilen ýa-da garaşylýan harajatlara ygtybarly baha berlip bilinmelidir.

11. Kärhananyň satyn alyja harytlara bolan eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly ep-esli töwekgelçilikleri we hak-heşdekleri berýän pursatyny kesgitlemek amalyň şertleriniň öwrenilmegini talap edýär. Köp ýagdaýlarda harytlara bolan eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly ep-esli töwekgelçilikleriň we hak-heşdekleriň berilmegi satyn alyja eýeçilige ýa-da emläge bolan ýuridik hukuklaryň berilmegi bilen gabat gelýär. Bölek satuw söwdalarynyň köpüsinde şunuň ýaly bolup geçýär. Beýleki ýagdaýlarda harytlara bolan eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly ep-esli töwekgelçilikleri we hak-heşdekleri bermek eýeçilige ýa-da emläge bolan ýuridik hukuklaryň berilýän wagtyndan beýleki pursatda bolup geçýär.

12. Eger kärhana eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly ep-esli töwekgelçilikleri saklap galýan bolsa, amal ýerlemek bolup durmaýar we ol boýunça düşewünt ykrar edilmeýär. Dürli ýagdaýlarda kärhana eýeçilik hukugy bilen bagly ep-esli töwekgelçiligi saklap galyp biler. Kärhanada eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly düýpli töwekgelçilikleriň we hak-heşdekleriň saklanyp galýan halatlary şu ýagdaýlary öz içine alýar:

a) kärhana kepillendirmegiň standart şertleri bilen ýapylmaýan, kanagatlandyrmaýan iş üçin jogapkärçilik çekmegi dowam etdirýär;

b) anyk ýerlemeden düşewündiň alynmagy harytlaryň mundan beýläk ýerlenmeginiň netijesinde satyn alyjy tarapyndan düşewünt alynmagyna bagly bolýar;

ç) alnan harytlar oturdylmaga degişlidir, oturtmak bolsa kärhananyň heniz ýerine ýetirmedik şertnamasynyň degerli bölegini tutýar;

d) satyn alyjynyň satyn almak-satmak şertnamasynda kesgitlenen sebäp boýunça satyn almak-satmak geleşigini bozmaga haky bardyr, diýmek, kärhanada girdejiniň alynjakgyna ynam bolmaýar.

13. Eger kärhana eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly diňe ujypsyz töwekgelçilikleri saklap galýan bolsa, amal ýerlemek bolup durýar we düşewünt ykrar edilýär. Mysal üçin, satyjy diňe özüne degişli pul möçberiniň gelip gowuşmagyny üpjün etmek üçin eýeçilige bolan ýuridik hukugy özünde alyp galyp biler. Şeýle ýagdaýda, eger kärhana eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly ep-esli

töwekgelçilikleri we hak-heşdekleri beren bolsa, amal ýerlemek bolup durýar we düşewünt ykrar edilýär. Kärhananyň eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly diňe ujypsyz töwekgelçilikleri saklap galýan başga bir mysaly bölek satuw söwdasy bolup biler, bu söwdada müşderini satyn alnan harydyň kanagatlandyrmadyk ýagdaýynda puly yzyna gaýtarmak teklip edilýär. Şeýle ýagdaýlarda düşewünt, satyjynyň geljekki yzyna gaýtarmalara ygtybarly baha berip we geçen tejribäniň we beýleki degişli şertleriň esasynda yzyna gaýtarmak boýunça borçnamany ykrar edýän şertlerinde, ýerlemegiň amala aşyrylan pursatynda ykrar edilýär.

14. Düşewünt diňe amal bilen baglanyşykly ykdysady bähbitleriň kärhana gelip gowuşmak ähtimallygy bar bolanda ykrar edilýär. Käbir ýagdaýlarda şunuň ýaly ähtimallyk öwezlik tölegi alynýança ýa-da näbellilik aradan aýrylýança bolman biler.

15. Emma näbelliligiň eýýäm alnan düşewünde goşulan pul möçberini almak babatynda ýüze çykýan mahalynda alynmadyk pul möçberi ýa-da alynjakdygynyň ähtimallygy pes bolan pul möçberi ilkibaşda ykrar edilen düşewündiň pul möçberine düzediş hökmünde däl-de, çykdajy hökmünde ykrar edilýär (şübheli (tölenjegine umyt bolmadyk) bergiler boýunça çykdajylar we şübheli (tölenjegine umyt bolmadyk) bergiler boýunça ätiýaçlyk gory ykrar edilýär).

16. Şol bir amala ýa-da haýsydyr bir waka degişli bolan düşewünt we çykdajylar bir wagtda ykrar edilýär; bu iş adatça, girdejileri we çykdajylary baglanyşdyrmak diýip atlandyrylýar.

17. Çykdajylara, şol sanda harytlar iberilenden soň ýüze çykýan kepillendirmelere we beýleki harajatlara, adatça düşewündi ykrar etmek üçin zerur bolan beýleki şertler ýerine ýetirilende ygtybarly baha berlip bilner. Ýöne çykdajylara ygtybarly baha berip bolmaýan mahalynda düşewünt ykrar edilip bilinmez. Şeýle ýagdaýlarda harydyň ýerlenendigi üçin eýýäm alnan islendik öwezlik tölegi borçnama hökmünde ykrar edilýär (geljek döwürleriň girdejileri (ýa-da alnan hakujylar) ykrar edilýär).

18. **Hyzmat etmekden alnan düşewünt,** eger hyzmatyň edilmegini göz öňünde tutýan amalyň netijesine ygtybarly baha berip bolýan bolsa, hasabat döwrüniň ahyryndaky ýagdaýa görä amalyň tamamlanýan döwrüne laýyklykda ykrar edilmelidir. Şu şertleriň ýerine ýetirilýän ýagdaýynda amalyň netijesine ygtybarly baha berip bolar:

a) düşewündiň pul möçberine ygtybarly baha berip bolanda;

b) amal bilen baglanyşykly ykdysady bähbitleriň kärhana gelip gowuşmak ähtimallygy bar bolanda;

ç) hasabat döwrüniň ahyryndaky ýagdaýa görä amalyň tamamlanýan döwrüne ygtybarly baha berip bolanda;

d) amal ýerine ýetirilende çekilen harajatlara we ony tamamlamak üçin zerur bolan harajatlara ygtybarly baha berip bolanda.

19. Amalyň tamamlanýan döwri boýunça düşewündiň ykrar edilmegi, köplenç ýerine ýetiriliş göterimi usuly diýip atlandyrylýar. Bu usula laýyklykda düşewünt hyzmatyň edilen hasabat döwründe ykrar edilýär. Düşewündiň şu esasda

ykrar edilmegi şol döwürde edilen hyzmatlaryň möçberi we şunuň ýaly işiň netijeleri barada peýdaly maglumaty üpjün edýär.

20. Düşewünt diňe amal bilen baglanyşykly ykdysady bähbitleriň kärhana gelip gowuşmak ähtimallygy bolanda ykrar edilýär.

21. Emma näbelliligiň eýýäm alnan düşewünde goşulan pul möçberini almak babatynda ýüze çykýan mahalynda alynmadyk pul möçberi ýa-da alynjakdygynyň ähtimallygy pes bolan pul möçberi ilkibaşda ykrar edilen düşewündiň pul möçberine düzediş hökmünde däl-de, çykdajy hökmünde ykrar edilýär (şübheli (tölenjegine umyt bolmadyk) bergiler boýunça çykdajylar we şübheli (tölenjegine umyt bolmadyk) bergiler boýunça ätiiýaçlyk gory ykrar edilýär).

22. Düzgün bolşy ýaly, kärhana amala gatnaşýan beýleki taraplar bilen aşakda görkezilýän düzgünleri ylalaşandan soň ygtybarly baha bermegi geçirmäge ukyplydyr:

a) her bir tarapyň hyzmatlar babatynda ýuridik taýdan berkidilen hukuklary, taraplar tarapyndan berilmeli we alynmaly hukuklar;

b) garşylyklaýyn (ýerine) alynýan öwezlik tölegi; we

ç) hasaplaşygyň görnüşi hem-de şertleri.

23. Kärhanada, düzgün bolşy ýaly, maliýäni meýilnamalaşdyrmagyň we hasabatlylygyň içerki netijeli ulgamy hem bolmalydyr. Hyzmatlaryň edilişine görä, kärhana şertnama boýunça düşewünde berilýän bahany barlaýar we zerur bolan ýagdaýynda oňa gaýtadan seredýär. Şular ýaly gaýtadan seretmegiň zerurlygy amalyň netijesine ygtybarly baha berip bolmajakdygyny aňlatmaýar.

24. Geleşigiň tamamlanýan döwri dürli usullar bilen kesgitlenip bilner. Kärhana olaryň haýsy biri ýerine ýetirilen işe ygtybarly baha bermegi üpjün edýän bolsa, şol usuly peýdalanýar. Geleşigiň häsiýetine baglylykda bu usullar şulary öz içine alyp biler:

a) ýerine ýetirilen iş hakynda hasabat;

b) hasabat senesindäki ýagdaýa görä edilen hyzmatlar, hyzmatlaryň umumy möçberine garanyňda göterimlerde;

ç) geleşik boýunça umumy harajatlaryň baha berilýän ululygyna garanyňda, şu pursatda çekilen harajatlaryň deň ölçegli gatnaşygy. Hasabatyň düzülen senesindäki ýagdaýa görä çekilen harajatlara diňe şu senedäki ýagdaýa görä edilen hyzmatlary görkezýänleri goşulýar. Geleşik boýunça baha berilýän umumy harajatlara diňe edilen ýa-da edilmäge degişli hyzmatlary görkezýän harajatlar goşulýar.

25. Amaly düşünjelerden ugur almak bilen, eger hyzmatlar belli bir döwrüň dowamynda näbelli gezek edilýän bolsa, düşewünt, eger tamamlanýan döwri haýsydyr bir usulyň gowy görkeziljekdigine subutnama ýok bolsa, belli bir döwrüň dowamynda gönümel usulyň esasynda ykrar edilýär. Eger haýsydyr bir hereket beýlekilere garanyňda has ähmiýetli bolup durýan bolsa, onda düşewündi ykrar etmek bu hereketiň amala aşyrylýan wagtyna çenli soňa goýulýar.

26. Eger hyzmatyň edilmegini göz öňünde tutýan amalyň netijesine ygtybarly baha berip bolmaýan bolsa, düşewünt diňe ykrar edilen, öwezi dolunýan çykdajylaryň möçberinde ykrar edilmelidir.

27. Amaly ýerine ýetirmegiň başlangyç döwürlerinde, köplenç, onuň netijesine hasaplama baha bermek mümkin bolmaýar. Şeýle-de bolsa, kärhananyň amal ýerine ýetirilende çekilen harajatlaryň öwezini doljakdygynyň ähtimallygy bolup biler. Şonuň üçin hem düşewünt diňe çekilen harajatlaryň öweziniň dolunmagyna garaşylýan derejede ykrar edilýär. Amalyň netijesini ygtybarly hasaplap bolmaýandygy sebäpli, peýda ykrar edilmeýär.

28. Eger amalyň netijesine ygtybarly baha berip bolmaýan bolsa we çekilen harajatlaryň öweziniň dolunjak ähtimallygy ýok bolsa, düşewünt ykrar edilmeýär we çekilen harajatlar çykdajylar hökmünde ykrar edilýär.

29. Aktiwleriň beýleki kärhanalar tarapyndan peýdalanylmagyndan ýüze çykan **göterimler, roýalti we diwidendler görnüşindäki düşewünt** şu ýagdaýlarda ykrar edilmelidir, eger-de:

a) amal bilen baglanyşykly ykdysady bähbitleriň kärhana gelip gowuşmak ähtimallygy bar bolanda;

b) düşewündiň pul möçberine ygtybarly baha berip bolanda.

30. Düşewünt şu esasda ykrar edilmelidir:

a) göterimler şertnamada (ylalaşykda) bellenen göterim möçberlerini ulanmak bilen ykrar edilýär;

b) roýalti degişli şertnamanyň mazmunyna laýyklykda, hasaplap ýazmak ýörelgesi boýunça ykrar edilýär;

ç) diwidendler paýdarlaryň tölegleri almaga bolan hukuklary bellenen mahalynda ykrar edilýär.

31. Roýalti degişli şertnamalaryň şertlerine laýyklykda hasaplanyp ýazylýar we adatça, eger diňe şertnamanyň mazmunyny hasaba almak bilen, düşewündi ykrar etmek üçin başga bir has laýyk gelýän ulgamlaýyn rejeli esas ýok bolsa, şol esasda ykrar edilýär.

32. Düşewünt diňe amal bilen baglanyşykly ykdysady bähbitleriň kärhana gelip gowuşmak ähtimallygy bolanda ykrar edilýär.

33. Emma näbelliligiň eýýäm alnan düşewünde goşulan pul möçberini almak babatynda ýüze çykýan mahalynda alynmadyk pul möçberi ýa-da alynjakdygynyň ähtimallygy pes bolan pul möçberi ilkibaşda ykrar edilen düşewündiň pul möçberine düzediş hökmünde däl-de, çykdajy hökmünde ykrar edilýär (şübheli (tölenjegine umyt bolmadyk) bergiler boýunça çykdajylar we şübheli (tölenjegine umyt bolmadyk) bergiler boýunça ätiýaçlyk gory ykrar edilýär).

## MAGLUMATY AÇMAK

34. Kärhana şulary açmalydyr:

a) düşewündi ykrar etmek üçin kabul edilen hasaba alyş syýasatyny, şol sanda hyzmat etmek bilen baglanyşykly amallaryň tamamlanýan döwrüni kesgitlemek üçin peýdalanylýan usullary;

b) döwrüň dowamynda ykrar edilen düşewündiň, şol sanda :

harytlary ýerlemekden;

hyzmatlary etmekden;

göterimlerden;

roýaltiden;

diwidendlerden ýüze çykýan düşewüntleriň her bir ähmiýetli maddasynyň pul möçberini;

ç) harytlary ýa-da hyzmatlary alyşmakdan ýüze çykýan düşewündiň onuň her bir ähmiýetli maddasyna goşulan pul möçberini.

## GÜÝJE GIRÝÄN SENESI

35. Maliýe hasabatlylygynyň şu standarty 2013-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girýär.

## Goşundy

Şu standart maliýe hasabatlylygynyň halkara standarty 18 "Düşewünt" (IAS 2009) laýyklykda işlenip taýýarlandy, şu aşakdakylardan başgasy:

käbir bölümlere olaryň has-da düşnükli bolmagy üçin düzediş girizildi;

netijeli göterim möçberiniň ulanylmagyna we geljekki ähli pul serişdeleriniň gelip gowuşmalarynyň gymmatyna diskontirlenen esasda baha bermäge degişli düzgünler aýryldy;

ýokarda görkezilen aýyrmalar bilen baglanyşykly, maglumatlary açmaga bildirilýän käbir talaplar aýryldy.